


Lew Tolstoý

# Üç aýy

*Erteki*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2010



Bir gyzjagaz öýünden çykyp, tokaýa gidipdir. Ol tokaýda azaşypdyr we öýlerine barýan ýoluny gözläp başlapdyr. Ýöne öýüni tapmandyr, oňa derek tokaýda bir öýjagazyň ýanyna gelipdir.





Gapy gulplanmadyk ekeni. Ol gapyny açyp seredipdir, görse, öýjagazda hiç kim ýok. Gyzjagaz öýe giripdir.
Bu öýde üç sany aýy ýaşaýan ekeni. Aýylaryň biri kaka bolup, onuň ady Mihail ekeni. Ol ullakan we tagaşyksyz ekeni. Beýlekisi ene aýy ekeni. Ol kiçiräk bolupdyr we onuň ady Nastasiýa Petrowna ekeni. Üçünjisi kiçijik aýy bolup, onuň ady Mişutka ekeni. Ýöne olar şol mahal öýde ýok ekenler, tokaýa gezelenje gidipdirler.



Öýjagazda iki otag bar ekeni: biri – nahar-hana, beýlekisi – ýatylýan otag.







Gyzjagaz iň uly çemçäni alypdyr we iň uly jamdan nahar iýip başlapdyr.





Soňra ortaça çemçäni alypdyr we ortaça jamdan iýipdir.









Soňra bolsa kiçijik çemçejigi alyp, gökje jamjagazdan iýip başlaýar we oňa Mişutkanyň nahary hemmesinden gowy ýaly görnüpdir.



Gyzjagaz oturmakçy bolýar we stoluň ýanyndaky oturgyçlary görýär. Olaryň biri ullakan – Mihail Iwanowiçiňki, ikinjisi – Nastasiýa Petrownanyňky we üçünji gök ýassyjakly kiçijigi – Mişutkanyňky.





Gyzjagaz uly oturgyja münýär we ýykylýar. Soň ortaça oturgyçda oturyp görýär welin, özüni oňaýsyz duýýar, soňra kiçijik oturgyçjykda oturýar. Görse, özüne laýyk oturgyç eken. Ol gökje jamjagazy dyzyna alýar we nahar iýmäge başlaýar.



Ähli nahary iýip bolandan soň yranyp başlaýar. Oturgyçjyk döwülýär we gyzjagaz poluň üstüne ýykylýar. Ýerinden turup, oturgyjy galdyrýar-da, başga otaga geçýär. Bu ýerde üç sany krowat dur ekeni. Biri ullakan – Mihail Iwanowiçiňki, ikinjisi ortaça – Nastasiýa Petrownanyňky, üçünji kiçijigi – Mişutkanyňky.





Gyzjagaz iň uly krowatda ýatýar. Ol gyzjagaza giň görnüpdir, ortakysynda ýatypdyr, beýik görnüpdir. Soňra kiçijik krowatjykda ýatyp görüpdir welin, göwnejaý bolupdyr we gyzjagaz uklapdyr.

Aýylar bolsa öýlerine ajygyp gelipdirler we naharlanmak isläpdirler.

Ullakan aýy öz jamyny alyp, seredip görýär we gaharlanyp arlaýar.



– Kim meniň jamymda nahar iýdi?
Ene aýy öz jamyna seredýär we ondan ýuwaşrak gygyrýar.
– Kim meniň jamymda nahar iýdi?
Mişutka bolsa özüniň boş jamjagazyny görýär-de, inçejik sesi bilen pyşyrdaýar:
– Kim meniň jamymdaky nahary iýip gutardy?





Mihail Iwanowiç öz oturgyjyna seredýär we haýran galmak bilen arlaýar.
– Kim meniň oturgyjymda oturdy we ony ýerinden süýşürdi?
Nastasiýa Pertowna öz oturgyjyna seretdi we ýuwaşrak arlady.
– Kim meniň oturgyjymda oturdy we ony ýerinden süýşürdi?
Mişutka özüniň döwlen oturgyjyna seretdi we pyşyrdady.



– Kim meniň oturgyjymda oturdy we ony döwdi?

Aýylar beýleki otaga geldiler.

– Kim meniň düşegimde ýatdy we bulaşdyrdy? – diýip, Mihail Iwanowiç arlap, sorady.

– Kim meniň düşegimde ýatdy we ony bulaşdyrdy? – diýip, Nastasiýa Petrowna ondan ýuwaşrak ses bilen arlap, sorady.

Mişutka bolsa oturgyjyny goýup, krowatjygyna mündi we inçejik sesi bilen pyşyrdady.





– Kim meniň düşegimde ýatdy?

Birden ol gyzjagazy gördi we ejesidir kakasyna gygyrdy:

– Ine, ol! Ine, ol! Tutaýynmy?!

Ol gyzjagazy tutjak boldy. Gyzjagaz gözlerini açdy, aýylary gördi we penjirä tarap okduryldy. Penjire açykdy, gyzjagaz penjireden atylyp, böküp çykdy we gaçyp gitdi. Aýylar onuň yzyndan geň-taň bolup, seredip galdylar.

Lew Tolstoý

# Üç aýy

Erteki


Redaktor *N. Halymowa*
Teh. redaktory *O. Nurýagdyýewa*
Kompýuter bezegi *L. Çudina*
Suratçy *Jennet Ýusubowa, Türkmenistanyň döwlet çeperçilik akademiýasynyň talyby*

A-49050. Çap etmäge rugsat edildi 09.08.2010.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{8}$. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 1,86.
Şertli reňkli ottiski 7,91.Hasap-neşir listi 2,47. Çap listi 2,0. Sargyt 1976. Sany 12 800.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.


